# Wysal

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Wysal WYSAL




Dünýämi lerzana öwren ýaz ýagşym,
Oýlap tapylmadyk tebigy bagtym.
Ýyldyzlary monjuk düzmek nämemiş,
Tüýs “ýigrim bäş ýaşyň dälisi” wagtyň.
Wada etdiň arzuwlarymyň ählisi,
Tapjagyny sende baky wysaly.
Ynamyny ganat eden mahaly,
Söýgi göge uçyr eken ynsany.

Boýladym bagt kölün ýassanyp buldy,
Yşkyň ykbalymda ýekeje gudrat.
Ümsüm gözleriňde göremde özüm

Barlyk içre baky doňdum şo pursat.

Wagt kanunyn ýöredip dur dözümsiz,
Sary saçlam, goý, bürensin ak gara.
Kaýyl ýaşlygymy, kalbymy dözüp,
Bütin ömri bagş etmäge şol ýara.

Annabeg AÝMAKOWA,
Döwletmämmet Azady adyndaky Tükmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby. Goşgular